**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**«TASSYKLAÝARYN»**
**Rektor** _______ **B.M.Taňryberdiýew**
*2025-nji ýylyň 31-nji ýanwary*

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Ak şäherim Aşgabat» atly Hakatony geçirmegiň**
**D Ü Z G Ü N N A M A S Y**

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamlaryny has-da kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn özgertmeleriň çäklerinde talyp ýaşlary kämil hünärmenler edip ýetişdirmek, olaryň nazary bilimlerini artdyrmak, amaly ukyp-başarnyklaryny ösdürmek maksady bilen, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Bilim ministrligi we ýokary okuw mekdepleri tarapyndan bilelikde geçiriljek Hakaton bäsleşikleriniň 2025-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda tassyklanan Sanawyna laýyklykda, Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda sagat 10:00-da ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Ak şäherim Aşgabat» atly Hakaton bäsleşigini geçirmek üçin şu Düzgünnama işlenip düzüldi.

Hakaton bäsleşiginiň geçirilmegi talyp ýaşlaryň ukyp-başarnyklaryny kämileşdirmege we alnan netijeleri iş tejribesine ornaşdyrmaga ýardam eder.

## UMUMY DÜZGÜNLER

Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda geçirilýän ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda “Ak şäherim Aşgabat” Hakatonynyň (mundan beýläk – Hakaton) Düzgünnamasy Hakatonyň esasy maksadyny, şertlerini, Hakatony geçirmegiň tertibini, Hakatona hödürlenýän taslamalary (çözgütleri) bahalandyrmagyň we Hakatonyň netijelerini jemlemegiň düzgünlerini kesgitleýär.

### 1. Adalgalar we kesgitlemeler.

Hakaton – bu durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ugurlaryndan saýlanyp alnan ugrunda täze ideýalaryň (çözgütleriň) döremegine we olaryň durmuşa geçirilmegine niýetlenen ýörite meýdança. Hakatonyň ýörite formaty dürli hünärlerdäki, kärlerdäki, dürli başarnykly adamlary bir topara jemläp, saýlanyp alnan ugurda täze çözgütleri gözlemäge itergi berýär.

**2. Hakatonyň esasy maksady:**

- hakyky işewürlik meselelerini çözmek üçin Hakatonda döredijilikli pikirlenmäni we toparlaýyn iş tejribesini ösdürmek;
- döredijilik ukybyny ýokarlandyrmak;
- zehinli ýaşlary ýüze çykarmak;
- talyplaryň hünär taýýarlygynyň hilini ýokarlandyrmak;
- başarnyklary açyp görkezmek;
- web tehnologiýalaryň ähmiýetini artdyrmak.

**3. Hakatonyň şertleri:**

Hakatonda her topar "Ak şäherim Aşgabat" atly web saýtyny işläp taýýarlamaly. Aşakda görkezilen şertler talap ediler:

- Saýtyň dizaýny işlenip düzülmeli;
- Tabşyrylan bölümler işlenip düzülmeli;
- Saýtyň serwer bölümi taýýarlanmaly.

Web saýt esasy 3 bölümden ybarat bolmaly. Bu bölümleriň atlary we düzüminde näme saklanmalydygy Hakaton bäsleşiginiň öň ýanynda toparlara ýetiriler. Eger wagt çägi mümkinçilik berýän bolsa, goşmaça bölümleri döretmäge hem rugsat berilýär (artyk bal gazanmak üçin).

Her ýokary okuw mekdebinden bir gatnaşyjy topar bolup, olar 3 adamdan köp bolmadyk agzalardan düzülmeli. Toparyň agzalary ýokary okuw mekdebiniň talyplaryndan düzülip, toparbaşy gatnaşyjy toparyň agzalary tarapyndan saýlanylýar;

Her topar boýunça

<u>üpjün edilýär:</u>

- Personal kompýuter (Windows OS);
- Internet baglanyşygy (maks. 1mbps).

<u>rugsat berilýär</u>:

- şahsy kompýuter getirmäge;
- islendik programmirleme dilinde işlemäge.

<u>gadagan edilýär</u>:

- emeli aňy peýdalanmak;
- web sahypa generatorlaryny peýdalanmak;
- taýyn edilen saýty ýa-da onuň islendik bölegini peýdalanmak.

**4. Ýerine ýetirilen işleriň bahalandyrylyşy**

Ýerine ýetirilen işlere bahalandyryş toparynyň agzalary ball bahalandyrmalaryny bererler. Bahalandyrma aşakdaky görkezijiler boýunça kesgitlener. Tablisada gazanyp boljak iň ýokary ballar görkezilen:

| **T/b** | **Görkeziji** | **Ball** |
|---|---|---|
| 1 | 1-nji bölüm | 20 |
| 2 | 2-nji bölüm | 20 |
| 3 | 3-nji bölüm | 20 |
| 4 | Kontent dolandyryş ulgamy (CMS) | 20 |
| 5 | Kros-platform (desktop, mobile) mümkinçiligi | 10 |
| 6 | Goşmaça | 10 |
| | | **Jemi: 100** |

**Hakatony geçirmegiň tertibi**

Hakatony guramak, geçirmek we onuň netijelerini bahalandyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzüminde çözgütleri bahalandyryş topary döredilip, onuň düzümi institutyň professor-mugallymlaryndan düzülýär. Guramaçylyk topary bu Hakaton bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça işleri alyp barýar, ýagny:

1. Hakaton döwlet dilinde **2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda sagat 10:00-da** TDMaI-niň Baş okuw binasynda "Sanly otag" auditoriýasynda, welaýatlardaky ÝOM-lar bilen onlaýn görnüşinde geçirilýär.
2. **2025-nji ýylyň sentýabr aýynyň 8-ne çenli** şu Düzgünnamanyň *Goşundysyna* laýyklykda, Hakatona gatnaşýan talyplar baradaky maglumatlar bellenen tertipde hasaba alynmagy üçin bäsleşigi guraýan Türkmen döwlet maliýe institutynyň elektron poçtasyna ugradylmalydyr.
3. Hakatonyň dowamlylygy – **3-5 sagat**.
4. Hakatonda I, II we III baýrakly orunlary eýelän toparlar emin agzalarynyň topary tarapyndan bellenilen tertipde bahalandyrmak arkaly kesgitlenýär.
5. Hakaton bäsleşiginiň netijesinde ýeňiş gazanan toparlara I, II we III derejeli Diplomlar gowşurylýar.
6. Hakaton bäsleşiginiň netijeleri Türkmen döwlet maliýe institutynyň resmi saýtynda (https://tdmai.edu.tm) ýerleşdiriler.

**Guramaçylyk topary**
Telefon: +99363249950, +99365631657
e-mail: sanly.tdmai@gmail.com
tachmyratsaparmyradov@gmail.com

*Goşundy*

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda**
**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän**
**“Ak şäherim Aşgabat” Hakaton bäsleşigine**

______________________________________________
(ýokary okuw mekdebiň ady)

**gatnaşýan talyplaryň we olaryň ýolbaşçy mugallymynyň**
**MAGLUMATY**

| № | Gatnaşyjynyň (talybyň) familiýasy, ady we atasynyň ady | Hünäri (taýýarlyk ugry), ýyly | Gatnaşyynyň (talybyň) öýjükli telefon belgisi | Gatnaşyynyň (talybyň) elektron poçtasynyň salgysy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |
| 2. | | | | |
| 3. | | | | |
| Gatnaşyjy topara ýolbaşçy mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi, öýjükli telefon belgisi, elektron poçtasynyň salgysy | | | | |

**Bellik:** *Maglumatlary* sanly.tdmai@gmail.com *poçtasyna ugratmagyňyzy haýyş edýäris.*